# 21-nji asryň Harijileri.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Sahypaň akyjysy: Esselämu aleýkum. Käwagt habarlarda, “Yslam döwleti” (diýilýän toparyň): “Jihad etmek, olary goldamak her musulmana parzdyr” diýýänlerini görmek bolýar. Bu dogrumy? Dogry bolsa dogrulygyny, ýalan bolsa ýalanlygyny görkezýän deliller paýlaşaýsaňyz?

Jogap: Waleýkum esseläm we rahmetullahi we berekatuh.

Yrakda peýda bolan we özlerini “Irak we Şam Yslam döwleti” diýip atlandyran, soňradan diňe “Yslam döwleti” diýip at alan topar, Tekfirji, Radikal, Hariji fyrkasyndandyr.

Bulara Tekfirji diýilmeginiň sebäbi musulmanlara käfir/kapyr diýýändikleri üçindir.

Bularyň edýän işleriniň Yslam bilen hiç hili baglanyşygy ýokdur. Özlerini Yslam döwleti diýip atlandyrmagynyň ýa-da jihat edýäris diýmeginiň hiç hili gadyr-gymmaty ýokdur. Bu kişiler musulman döwletlerinde fitne-fesat çykarýan, bigünä adamlary, musulmanlary öldürýän, Yslam ýurtlarynyň bölek-büçek bolup, kapyrlara iým bolmagyna hyzmat edýän, musulman döwlet baştutanlaryny kapyr yglan edip soňra olara garşy çykýan fitneçi we dogry ýoldan azaşan ynsanlardan ybaratdyr.

Hariji ýa-da Hawarij fyrkasy iň gadymy fyrkalardandyr.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) 14-asyr öň bu toparyň peýda boljagyny habar berip, olaryň esasy wasplaryny aýdyp geçýär we ymmatyny olardan ägä edýär. Hatda Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) Harijilerden ägä edip, olaryň ähli wasplaryny beýan edişi ýaly başga fyrka ýok diýsek, öte geçdigimiz bolmaz.

**Hadyslarda habar berilen Harijileriň wasplary:**

Ebu Said el-Hudri (radiAllahu anh) şeýle diýýär:

Ali (radiAllahu anh) Ýemenden Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) altyn ugratdy. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) hem ol altyny dört kişä bölüp berdi.

Ebu Said el-Hudri aýtdy: Kureýşliler gaharlanyp. **Bizi taşlap, (altynlary) Nejdiň ulularyna berýäňmi?** diýdiler.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **Olar Yslama ysnyşsynlar diýip, (ol altynlary) olara berdim** diýýär.

Şol wagt gür sakally, ýaňaklary çykyp duran, gözü çukur, alny giň we saçy syrylgy bir adam gelip: **Eý Muhammet!** (sallallahu aleýhi we sellem) **Allahdan gork!** Diýdi.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Oňa: **Eger Men ytagat etmesem kim Allaha ytagat etsin!? Allah Tagala Maňa dünýäni ynandy, siz Maňa ynanmazçylyk edýäňizmi?** Diýdi.

Soňra Ebu Said el-Hudri (radiAllahu anh) şeýle diýdi: Ol kişi yzyna gitdi. Jemagatdan biri bolsa, Halid bin Welidmika (radiAllahu anh) diýýärin, Ony öldürmek üçin Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) rugsat sorady.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Oňa degmezligi buýrup:

إِنَّ مِنْ ضِئْضِئِ هَذَا قَوْمًا يَقْرَءُونَ الْقُرْآنَ لاَ يُجَاوِزُ حَنَاجِرَهُمْ يَقْتُلُونَ أَهْلَ الإِسْلاَمِ وَيَدَعُونَ أَهْلَ الأَوْثَانِ يَمْرُقُونَ مِنَ الإِسْلاَمِ كَمَا يَمْرُقُ السَّهْمُ مِنَ الرَّمِيَّةِ لَئِنْ أَدْرَكْتُهُمْ لأَقْتُلَنَّهُمْ قَتْلَ عَادٍ

“**Bu adamyň neslinden şeýle kişiler çykar, olar Kuran okarlar emma okan Kuranlary bogazyndan aşak geçmez. Butparazlary taşlap, musulmanlary öldürerler. Olar göýä awyň bärisinden girip aňyrsyndan çykan ok ýaly Yslamdan çykarlar. Eger Men bulara gabat gelsem, (Allah Tagalaň) Ad kowmuny öldürüşi ýaly olary öldürerin** diýdi. [1]

Başga rowaýatda bolsa:

دَعْهُ فَإِنَّ لَهُ أَصْحَابًا يَحْقِرُ أَحَدُكُمْ صَلاَتَهُ مَعَ صَلاَتِهِ، وَصِيَامَهُ مَعَ صِيَامِهِ، يَمْرُقُونَ مِنَ الدِّينِ كَمَا يَمْرُقُ السَّهْمُ مِن الرَّمِيَّةِ

**“Oňa degmäň! Onuň (neslinden) şeýle bir kişiler çykar siz olaryň namaz kylyşyny, oraza tutuşyny görüp öz namazyňyza, orazaňyza göwnüňiz ýetmez. Olar Kuran okarlar, emma Kuran bogazlaryndan aşak geçmez. Olar okuň awyň içinden çykyp gidişi ýaly dinden çykyp giderler...”** [2]

Hadysdaky kişi hawarijleriň başydyr. Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) garşy çykýar. Ynsanlara we jynlara, Allaha gul bolmagy, Allah gorkusyny öwretmäge gelen, Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) Allahdan gork diýip, edepsiz sözler diýýär. Hatda sahabalar onuň bolşuna gahar edip, ony öldürmek isleýärler. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) oňa degmezligi buýrup onuň neslinden, yzyndan geljek kişileriň wasplaryny ymmatyna habar berýär.

Olar: **Kuran okarlar emma okan Kuranlary bogazlaryndan aşak geçmez.**

Ýagny Kuran kalplaryna barmaz. Kurana dogry düşünmän, manysyny bilmän okarlar.

Olar: **Butparazlary taşlap, musulmanlary öldürerler.**

Bu wasp Taryhdaky we zamanamyzdaky Harijileriň esasy wasplarynyň biridir. Musulmanlary öldürmek. Çünki Harijiler özlerinden başgalaryny doly musulman hasap etmezler we öz ýalňyş düşünjeleri sebäpli musulmanlary dinden çykan mürted/kapyr hasap ederler. Şonuň üçin hem musulmanlaryň janyna, malyna degmekden çekinmezler. Zamanamyzdaky Harijileriň musulmanlaryň ýurtlarynda partlamalar, hüjümler amala aşyrmagy we parahat ýaşap ýören halky nyşana almagy. Bunyň aýdyň mysalydyr.

Olar: **göýä awyň bärisinden girip aňyrsyndan çykýan ok ýaly Yslamdan çykarlar.**

Ýagny dinden çykarlar.

Pygamberimiz(sallallahu aleýhi we sellem)**: Eger Men bulara gabat gelsem, (Allah Tagalaň) Ad kowmuny öldürüşi ýaly olary öldürerin** diýýär.

Üns beriň musulman doganlar!

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ymmatyna söweş islemezligi nesihat etdi. Emma Harijilere gezek gelende hut Özi olary öldürmek isledi we Ad kowmunyň öldürülişi ýaly edip öldürerdim diýdi.

Bu diýmeginiň manysy: Allah Tagalaň Ad kowumynyň ählisini heläk edişi ýaly Men olaryň hemmesini ýok ederdim diýmekdir.

Şunuň özi hem Harijileriň nä derejede azan we ymmata zyýanly ynsanlardygyna düşünmek üçin ýeterli delildir.

Olar şeýle bir ybadat ederler: **Siz olaryň namaz kylyşyny, oraza tutuşyny görüp öz namazyňyza, orazaňyza göwnüňiz ýetmez.**

Ýagny Harijiler ybadathon adamlardyr. Hatda taryh kitaplarda habar berilişi ýaly gadym Harijileriň maňlaýlarynda sežde yzlary bolar eken. Hatda namaz kylmakdan ýaňa aýaklarynyň derilerinde yzlar emele geler eken. Harijiler özlerini dini berk tutýan, Allah ýolunda jihat edýän, yhlasly kişilerden hasaplarlar.

Ebu Zerden (radiAllahu anh) habar berilýär, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi:

إِنَّ بَعْدِي مِنْ أُمَّتِي - أَوْ سَيَكُونُ بَعْدِي مِنْ أُمَّتِي - قَوْمٌ يَقْرَءُونَ الْقُرْآنَ لاَ يُجَاوِزُ حَلاَقِيمَهُمْ يَخْرُجُونَ مِنَ الدِّينِ كَمَا يَخْرُجُ السَّهْمُ مِنَ الرَّمِيَّةِ ثُمَّ لاَ يَعُودُونَ فِيهِ هُمْ شَرُّ الْخَلْقِ وَالْخَلِيقَةِ ". رواه مسلم

**“Menden soňra ymmatymdan şeýle bir adamlar çykar, olar Kuran okarlar emma Kuran olaryň bogazyndan aşak geçmez. Awyň içinden okuň çykyp gidişi ýaly dinden çykarlar we gaýdyp dine dönmezler. Olar ynsanlaryň we haýwanlaryň iň şerlileridir.”** [3]

Olar: **ynsanlaryň we haýwanlaryň iň şerlileridir, erbetleridir.**

Hezreti Ali (radiAllahu anh) aýdýar: Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýenini eşitdim:

سَيَخْرُجُ فِي آخِرِ الزَّمَانِ قَوْمٌ أَحْدَاثُ الأَسْنَانِ سُفَهَاءُ الأَحْلاَمِ يَقُولُونَ مِنْ خَيْرِ قَوْلِ الْبَرِيَّةِ يَقْرَءُونَ الْقُرْآنَ لاَ يُجَاوِزُ حَنَاجِرَهُمْ يَمْرُقُونَ مِنَ الدِّينِ كَمَا يَمْرُقُ

السَّهْمُ مِنَ الرَّمِيَّةِ فَإِذَا لَقِيتُمُوهُمْ فَاقْتُلُوهُمْ فَإِنَّ فِي قَتْلِهِمْ أَجْرًا لِمَنْ قَتَلَهُمْ عِنْدَ اللَّهِ يَوْمَ الْقِيَامَةِ " . متفق عليه

“**Ahyrzamanda ýaşlary kiçi, beýnisiz ýagny akmak kişiler çykar. Iň haýyrly sözleri gürlärler. Kuran okarlar emma Kuran bogazlaryndan aşak geçmez. Olar awyň içine girip çykan ok ýaly dinden çykarlar. Olara gabat gelseňiz, olary öldüriň. Çünki olary öldüren üçin kyýamat güni sogap bardyr.”** [4]

Olar: **ýaşlary kiçi, beýnisiz ýagny akmak kişiler.**

Taryhda boluşy ýaly zamanamyzdaky Harijileriň aglaba bölegi dar düşünjeli, akmak, beýnisiz ýaşlardan ybaratdyr. Edýän işleriniň netijesini pikirlenmeýän, gaharjaň, gödek ýaşlardyr.

Olar: **Iň haýyrly sözleri gürlärler.**

Ýagny olar gürlände Kuranyň aýatlaryndan gürlärler. Hakdan, adalatdan, jihatdan gürlärler.

Emma diýýän zatlaryna doly düşünmezler ýa-da ýalňyş düşünerler.

Taryh boýy haçanda Harijiler peýda bolanda musulmanlar olar bilen söweşdiler. Çünki Harijiler musulmanlaryň jany, maly, ýurtlary üçin howply adamlardyr. Hadysda habar berilişi ýaly olara garşy göreşmek sogapdyr.

Harijilere güýç bilen çäre görmek aýry şahyslara dälde. Musulman baştutanyň boýnuna düşýändir.

Pygamberimiz(sallallahu aleýhi we sellem)hadysda: الخوارج كلاب النار

“**Harijiler jähennemiň güjükleridir”** [5]diýýär.

Bu bolsa, olaryň azgynlyklaryna göz ýetirmek üçin ýene bir delildir.

Ibn Omar (radiAllahu anh), Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýenini eşitdim diýýär:

قالَ ابنُ عمرَ سمعتُ رسولَ اللَّهِ صلَّى اللهُ عليهِ وسلَّمَ يقولُ:

كلَّما خرجَ قرنٌ قُطِعَ أكثرَ من عشرينَ مرَّةً حتَّى يخرجَ في عِراضِهِمُ الدَّجَّالُ

“**Olar her peýda bolanlarynda, ýok edilerler we bu ýigrimi gezek gaýtalanar. Iň soňundan olaryň içinde Dejjal çykjakdyr.”** [6]

Alymlaryň belläp geçişleri ýaly Hawarijler tä Dejjal çykýança peýda bolup durjaklardyr.

**Harijileriň taryhdaky jenaýatlaryndan bir mysal:**

Taryhda Harijiler üçünji Halifa Hezreti Osmana (radiAllahu anh) garşy çykyp ony öldürýärler we musulmanlaryň gaznasyny talaýarlar.

Dördünji Halyfa Hezreti Ali (radiAllahu anh) zamanasyndaky Harijiler bolsa, Hezreti Alini (radiAllahu anh) Allahyň hökümi bilen höküm etmezlikde günäkärläp, Oňa kapyr diýýärler we oňa garşy söweşýärler. Harijiler ymmatyň iň haýyrly ynsanlaryna garşy çykyp, olary öldürenlerinde hem öz edýän işlerini Allah ýolundaky jihat diýip, atlandyrýardylar.

Üns beriň musulman doganlar!

Harijiler ymmatyň iň haýyrly iki kişisine, dirikä jennet bilen buşlanan, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) sahabalary bolan Hezreti Osmana, Hezreti Ala garşy çykýarlar. Özlerini olardan üstün görýärler we öz hereketlerini jihat diýip, atlandyrýarlar.

Zamanamyzdaky Tekfirjiler, radikal toparlar bolsa, şol Harijileriň dowamydyr.

Edil gadym Harijiler ýaly, täze Harijiler hem musulmanlary tekfir edýärler. Musulman döwlet baştutanlaryna kapyr diýýärler. Halky döwlete garşy öjükdürýärler we öz edýän işerine jihat diýip, atlandyrýarlar.

Alžirda, Siriýada, Müsürde, Saud Arabystanda, Kawkazda, Orta Aziýa ýurtlarynyň käbirlerinde Harijiler uly fitne-fesatlar çykardylar. Parahat düzgüni bozmak, halky partlatmak, gozgalaň turzmak Harijileriň edýän işleridir.

Harijileriň edýän jenaýatlary sebäpli adaty dinini tutyp ýören musulmanlar kösenýär we Yslamyň abraýyna şikes ýetýär. Öz edýän işlerini diniň ady bilen edýändikleri üçin, musulman bolmaýanlaryň Yslamy ýigrenmegine sebäp bolýarlar. Köp ýurtlarda Harijileriň edýän fitnelerinden soňra musulmanlara basyş edilýär. Yslam dagwatynyň, medreseleriň, metjitleriň, merkezleriň ýapylmagyna sebäp bolýarlar.

Bu basyşlara Amerikada, Ýewropada hasam köp duşmak bolýar. Çünki Amerikada, Ýewropada Yslamyň ýaýramagynyň

öňüni aljak bolýan kişiler, Harijileriň edýän fitne-fesatlaryny bahana edip ulanýarlar we ähli musulmanlary göýä teror ýaly edip görkezmäge çalyşýarlar.
Kabir ýerlerde bolsa, musulmanlara edilýän nähak basyşlar, käbir jahyl musulmanlaryň radikallaşmagyna we Harijі toparlaryň toruna düşmegine sebäp bolýar.

**Harijiler musulmanmy ýa-da kapyrmy?**

Ähli-sünnet Harijiler hakda, dinden çykan kapyrmy ýa-da günäkär musulmanmy diýip, yhtylaf etdiler.
Käbirleri olary kapyr hasap eden bolsada, dogrusy olaryň günäkär musulmanlygydyr.
Bu aýdylanlardan soňra Harijileri we olaryň düşünjesine aldanan ynsanlary tanamak üçin, olaryň wasplaryny şu görnüşde jemläp bileris:
1-Dürli radikal toparlary hak ýolda hasap etmek we olaryň edýän jenaýatlaryny jihat diýip atlandyrmak.
2-Uly günä eden ýagny zyna eden, arak içen musulmanlary kapyr yglan etmek.
3-Musulman döwlet baştutanlaryna kapyr diýip, halky hökümede garşy küşgürmek, döwlet baştutanyň aýyplaryny halka paş etmek.
4-Döwletiň içinde gizli guramalar emele getirip, ýurdyň içinde gozgalaň, fitne çykarmaga çalyşmak.
5-Öz pikir düşünjelerini kabul etmeýänleri kapyr, mürted hasap etmek.
6-Ibn Bäz, Ibn Useýmin, Albani ýaly alymlara we başga ähli-sünnet alymlaryna Köşk mollasy, Soltanyň mollasy, Mürjiýe Jehmiýe ýaly atlar dakmak.
7-Diňe uly alymlaryň, müftüleriň, kazylaryň gürlemeli, fetwa bermeli meselelerinde özleriçe netije çykaryp fetwa bermek.
8-Gödeklik, delilleriň diňe zahirine seretmek.
9-Gürlänlerinde hakdan, jihatdan, zuluma garşydyklaryny gürlärler. Aslynda bolsa, bu zatlar diňe musulmanlary öz duzaklaryna düşürmek üçin owadan sözleridir.
10-Harijileriň ýene bir sypaty döwletiň içinde miting, zabostowka ýaly döwlete garşy edilen hereketlere meçew berip, goldarlar we halky şolar ýaly bidüzgünçilige çagyrarlar.
11-Köp ýerlerde Harijiler özlerini gizleýärler we biz ähli-sünnet, selefi diýip, musulmanlary aldaýarlar. Käbirleri bolsa, gaflat ukusynda bolany üçin özüniň Harijileriň ýoluna girenligini bilmeýärler.
Hakyky Ähli-sünnet, Selefiler Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetine weselefi-salyhyna eýerýän kişilerdir.
Yslamyň ýoly açyk we aýdyňdyr. Yslamda bukulgy, gizli zatlar ýokdur. Yslam, Ähli-sünnet bular ýaly Harijilerden uzakdyr, päkdir.
Biliň musulman doganlar!
Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) aýdyşy ýaly: Harijileriň jähennemiň güjükleridir. Ynsanlaryň we haýwanlaryň iň şerlileridir. Olar akmak ynsanlardyr.
Olardan we olara garşy gowy göz bilen seredýänlerden uzak boluň!
Olaryň owadan sözlerine, özlerini hak ýolda diýmegine, Allah ýolunda göreşýäris diýmegine aldanmaň!
Olar parahat ýaşaýyşy bozýan, Yslama zyýan berýän, Yslam dagwatynyň we musulman döwletleriň ösmegine päsgel bolýan kişilerdir!
Harijileriň bar ýerinde uruş-söwüş, gan döküşüklik, fitne-fesat bardyr!
Olara garşy göreşmekde sogap bardyr!
Olara garşy göreşmegiň iň täsirli ýoly, musulmanlara dogry ýol bolan ähli-sünnediň, selefi-salyhynyň ýoluny akydasyny öwretmekdir. Harijilerden we ähli azan fyrkalardan, ägä etmekdir.
Allah Tagala ählimizi ähli-sünnediň ýolunda berkitsin. Azanlary dogry ýola getirsin.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

1-Buhari No: 3344. Muslim No: 1064.

2-Buhari No: 6163. Müslim No: 1064.

3-Muslim No: 1067.

4-Buhari No: 3611. Muslim No:1066.

5-Ahmed No: 4/382. Ibn Mäje No:173.

6-Ibn Mäje No: 174.